# Gyssagly ýazmaly

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gyssagly ýazmaly GYSSAGLY ÝAZMALY

Häzir-häli sebäbini bilemok,
Göwnüm giň şähere sygmaýar eje.
Başagaý günlerden maý tapan wagtym,
Men seniň ýanyňa ylgaýan eje.

Bu ýerlerde başgaçarak durmuş bar,
Sagady sanalgy, minudy çäkli.
(Beýle ýagdaý seniň körpe ogluňy
Ilki-ilkiler dözümlije siltäpdi).

Ýöne men henizem üýtgäp bilemok,
Bolanok özüňden özgäni ýasap.
Bir-birine tanyş ýa-da nätanyş
Adamlar bir ýere barýar alňasap.

Pikirlerim adamlar deý gyssanmaç
Bar ýaly olaňam ýetmeli ýeri.
Şükür ýöne poeziýanyň ýükünden
Başagaýlyk halas etmedi meni.

Häzir meniň öz göwnümem howlukmaç,
Setirlermi tamam edesim gelýär…
…Başagaý günlerden maý tapan wagtym,
Ýene seň ýanyňa gidesim gelýär…

Ilmyrat BABAÝEW. Goşgular